**Girdeji üçin salgytlar babatda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak we salgytlary tölemekden boýun gaçyrylmagynyň öňüni almak hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Gyrgyz Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda**
# YLALAŞYK

Türkmenistanyň Hökümeti we Gyrgyz Respublikasynyň Hökümeti, girdeji üçin salgytlar babatda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak hakynda Ylalaşyk baglaşmak isläp,

şu aşakdakylar barada ylalaşdylar:

## 1-nji madda
## Özleri barada Ylalaşyk ulanylýan taraplar

Şu Ylalaşyk Ylalaşýan Döwletleriň biriniň ýa-da ikisiniň-de dahyllylary bolup durýan taraplar babatda ulanylýar.

## 2-nji madda
## Ylalaşygyň öz içine alýan salgytlary

1. Şu Ylalaşyk Ylalaşýan Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda Ylalaşýan Döwletiň ýa-da onuň dolandyryş birlikleriniň, ýa-da ýerli häkimiýet edaralarynyň adyndan girdejiler üçin salynýan salgytlary almagyň usulyna garamazdan, şol salgytlar babatda ulanylýar.

2. Girdejiniň umumy möçberinden ýa-da girdejiniň aýry-aýry böleklerinden alynýan ähli salgytlar, şol sanda gozgalýan ýa-da gozgalmaýan emlägi aýrybaşgalamakdan alynýan salgytlar, kärhanalar tarapyndan tölenilýän zähmet haky gorundan alynýan salgytlar, şeýle hem emlägiň bahasynyň artmagyndan girdejilerden alynýan salgytlar girdeji üçin salgytlar hasaplanylýar.

3. Şu Ylalaşyga degişli bolan salgytlar, şular bolup durýar:

a) Türkmenistanda:

edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt;

şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy (mundan beýläk «türkmen salgydy» diýlip atlandyrylýar);

b) Gyrgyz Respublikasynda:

ýuridik şahslaryň peýdasy üçin salgyt;

fiziki şahslaryň girdejileri üçin salgyt (mundan beýläk «gyrgyz salgydy» diýlip atlandyrylýar).

4. Şeýle hem şu Ylalaşyk oňa gol çekilen seneden soň bar bolan salgytlara goşmaça ýa-da olaryň ýerine alynjak birmeňzeş ýa barabar salgytlar babatda ulanylýar. Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary öz degişli salgyt kanunçylygyna girizilen islendik düýpli üýtgetmeler barada bir-birine habar bermelidir.

## 3-nji madda
## Umumy kesgitlemeler

1. Eger ýazgydan başgaça many çykmaýan bolsa, şu Ylalaşygyň maksatlary üçin:

a) «Türkmenistan» adalgasy Türkmenistany we geografiki manyda ulanylanda halkara hukugyna laýyklykda, Türkmenistanyň özygtyýarly hukuklaryny ýa-da ýurisdiksiýasyny amala aşyrýan Türkmenistanyň çäklerini aňladýar;

b) «Gyrgyzystan» adalgasy Gyrgyz Respublikasyny we geografiki manyda ulanylanda «Gyrgyzystan» adalgasy halkara hukugyna laýyklykda Gyrgyz Respublikasynyň özygtyýarly hukuklaryny ýa-da ýuridiksiýasyny amala aşyryp bilýän we Gyrgyz Respublikasynyň salgyt kanunçylygynyň hereket edýän çäklerini aňladýar;

ç) «tarap» adalgasy şahsy tarapy, kompaniýany ýa-da taraplaryň islendik beýleki birleşigini aňladýar;

d) «kompaniýa» adalgasy islendik korporatiw birleşigi ýa-da salgyt salmak maksatlary üçin korporatiw birleşik hökmünde garalýan islendik guramany aňladýar;

e) «Ylalaşýan Döwletiň kärhanasy» we «beýleki Ylalaşýan Döwletiň kärhanasy» adalgalary degişlilikde Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy tarapyndan dolandyrylýan kärhanany we beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy tarapyndan dolandyrylýan kärhanany aňladýar;

ä) «halkara gatnatmasy» adalgasy Ylalaşýan Döwletiň kärhanasy tarapyndan ulanylýan deňiz ýa-da howa gämisiniň, ýa-da ýerüsti ulagyň amala aşyrýan islendik gatnatmasyny aňladýar, şeýle deňiz ýa-da howa gämisiniň, ýa-da ýerüsti ulagyň diňe beýleki Ylalaşýan Döwletde ýerleşýän ýerleriň arasynda gatnatma üçin ulanylýan halatlary muňa girmeýär;

f) «ygtyýarly edara» adalgasy:

(1) Türkmenistanda – Maliýe we ykdysadyýet ministrligini ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekilini;

(2) Gyrgyz Respublikasynda – Ykdysadyýet ministrligini ýa-da onuň ygtyýarly edilen wekilini aňladýar;

g) «milli tarap» adalgasy:

(1) Ylalaşýan Döwletiň raýatlygy bolan islendik şahsy tarapy;

(2) şeýle derejeli hukuk ýagdaýyny Ylalaşýan Döwletde hereket edýän kanunlara laýyklykda alan islendik edara görnüşli tarapy, şereketi ýa-da assosiasiýany aňladýar.

2. Ylalaşýan Döwlet tarapyndan şu Ylalaşyk islendik wagt ulanylan mahaly, eger ýazgydan başgaça many gelip çykmaýan bolsa, Ylalaşykda kesgitlemesi berilmedik islendik adalga şol Döwletiň şu Ylalaşyga degişli bolan salgytlar babatdaky kanunçylygynda oňa berýän manysyna eýe bolar we bu Döwletiň hereket edýän salgyt kanunçylygyna laýyklykda onuň islendik manysyna bu Döwletiň beýleki kanunçylygy tarapyndan bu adalga berilýän manysyndan ýokary many berilýär.

**4-nji madda**
**Dahyllysy**

1. Şu Ylalaşygyň maksatlary üçin «Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy» adalgasy şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda hemişelik ýaşaýan ýeri, hemişelik bolýan ýeri, ýolbaşçy ýa-da dolandyrylýan ýeri ýa-da başga bir barabar görkeziji esasynda salgyt salynmaga degişli islendik tarapy aňladýar. Emma bu aňlatma diňe şol Döwletdäki çeşmelerden alnan girdejiler babatda şol Döwletde salgyt salynmaga degişli islendik tarapy öz içine almaýar.

2. Eger şahsy tarap şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünlerine laýyklykda Ylalaşýan Döwletleriň ikisiniň-de dahyllysy bolup durýan bolsa, onuň hukuk ýagdaýy şu usulda kesgitlenilýär:

a) ol diňe hemişelik ýaşaýyş jaýy bolan Döwletiniň dahyllysy hasaplanylýar; eger onuň Döwletleriň ikisinde-de hemişelik ýaşaýyş jaýy bar bolsa, onda ol haýsy Döwletde has ysnyşykly şahsy we ykdysady gatnaşyklary (durmuş bähbitleriniň merkezi) bar bolsa, şol Döwletiň dahyllysy hasaplanylýar;

b) eger-de onuň durmuş bähbitleriniň merkezi bar bolan Döwletini kesgitläp bolmasa ýa-da onuň Döwletleriň hiç birinde hemişelik ýaşaýyş jaýy bolmasa, ol adatça ýaşaýan ýeri bolan Döwletiň dahyllysy hasaplanylýar;

ç) eger-de ol, adatça, Döwletleriň ikisinde-de ýaşaýan bolsa ýa-da olaryň hiç birinde hem ýaşamaýan bolsa, ol haýsy Döwletiň raýaty bolup durýan bolsa, şol Döwletiň dahyllysy hasaplanylýar;

d) eger-de ol Döwletleriň ikisiniň-de raýaty bolup durýan bolsa ýa-da olaryň hiç biriniň raýaty bolmasa, onda Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary bu meseläni özara ylalaşmak boýunça çözýärler.

3. Eger şahsy tarap bolmadyk tarap şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünlerine laýyklykda Ylalaşýan Döwletleriň ikisiniň-de dahyllysy bolup durýan bolsa, onda ol onuň hakyky dolandyryş ýeri ýerleşýän Döwletiň dahyllysy hasap edilýär.

## 5-nji madda
## Hemişelik edara (wekilçilik)

1. Şu Ylalaşygyň maksatlary üçin «hemişelik edara (wekilçilik)» adalgasy kärhananyň telekeçilik işini doly ýa-da bölekleýin amala aşyrýan hemişelik ýerini aňladýar.

2. «Hemişelik edara (wekilçilik)» adalgasy esasan, şulary öz içine alýar:

a) dolandyryş ýerini;

b) bölümi;

ç) edarany;

d) fabrigi;

e) ussahanany; we

ä) şahtany, nebit ýa-da gaz guýusyny, karýeri ýa-da tebigy serişdeleri gözlemek, çykarmak we işläp geçmek bilen bagly başga bir islendik ýeri.

3. «Hemişelik edara (wekilçilik)» adalgasy şeýle hem gurluşyk meýdançasyny, gurluşyk, gurnama ýa-da ýygnama desgasyny ýa-da ýokarda agzalan desgalar bilen bagly gözegçilik işini diňe olar bilen bagly işleriň dowamlylygy 6 aýdan köp bolanda öz içine alýar.

4. Şu maddanyň ýokardaky düzgünlerine garamazdan, «hemişelik edara (wekilçilik)» adalgasy şulary öz içine almaýar:

a) desgalaryň we enjamlaryň diňe şu kärhana degişli harytlary ýa-da önümleri saklamak, görkezmek ýa-da ibermek maksatlary üçin ulanylmagyny;

b) şu kärhana degişli harytlaryň ýa-da önümleriň gorlarynyň diňe saklamak, görkezmek we ibermek maksatlary üçin saklanylmagyny;

ç) şu kärhana degişli harytlaryň ýa-da önümleriň gorlarynyň diňe başga bir kärhana tarapyndan gaýtadan işlemek maksatlary üçin saklanylmagyny;

d) hemişelik iş ýeriniň diňe harytlary ýa-da önümleri satyn almak maksatlary üçin ýa-da bu kärhana maglumatlary toplamak üçin saklanylmagyny;

e) hemişelik iş ýeriniň diňe şu kärhana üçin mahabat ýa-da ylmy barlaglar ýaly taýýarlyk ýa-da kömekçi häsiýetli başga bir islendik işi amala aşyrmak maksady bilen saklanylmagyny.

5. Şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümleriniň düzgünlerine garamazdan, eger özi barada 6-njy bölümiň düzgünleri ulanylýan garaşsyz derejeli ýumuşçydan başga bir tarap beýleki Ylalaşýan Döwletiň kärhanasynyň adyndan öz işini amala aşyrýan bolsa, onda bu kärhana şu Döwletde şol tarapyň kärhana üçin amala aşyrýan islendik işi babatda hemişelik edarasy (wekilçiligi) bar hökmünde garalýar, bu tarapyň işi şu maddanyň 4-nji bölüminiň düzgünlerine laýyklykda hemişelik iş ýeriniň üstünden amala aşyrylýan bolsa-da, onuň bu hemişelik iş ýerini hemişelik edara (wekilçilige) öwürmeýän we şu bölümde görkezilen iş bilen çäklenýän halatlary muňa girmeýär.

6. Eger kärhana Ylalaşýan Döwletde telekeçilik işini diňe araçynyň, dellalyň ýa-da garaşsyz hukuk ýagdaýy bolan başga bir ýumuşçynyň üsti bilen amala aşyrýan bolsa, şol taraplar öz adaty işiniň çäklerinde hereket edýän şertde kärhana şol Döwletde hemişelik edarasy (wekilçiligi) bar hökmünde hasap edilmeýär.

7. Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolan kompaniýanyň beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolan kompaniýa gözegçilik edýän ýa-da ol tarapyndan gözegçilik edilýän bolsa, ýa-da şol beýleki Döwletde telekeçilik işini (ýa hemişelik edaranyň (wekilçiligiň) üsti bilen, ýa-da başga bir usulda) amala aşyrýan bolsa, bu ýagdaýyň özi şol kompaniýalaryň birini beýleki kompaniýanyň hemişelik edarasyna (wekilçiligine) öwürmeýär.

## 6-njy madda
## Gozgalmaýan emläkden alynýan girdeji

1. Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň beýleki Ylalaşýan Döwletde ýerleşýän gozgalmaýan emläkden alýan girdejisine (şol sanda oba ýa-da tokaý hojalygyndan alýan girdejisine) şol beýleki Döwletde salgytlar salnyp bilner.

2. «Gozgalmaýan emläk» adalgasy garalýan emlägiň ýerleşýän ýeri bolan Ylalaşýan Döwletiň kanunçylygy boýunça bar bolan mana eýe bolmalydyr. Bu adalga islendik halatda gozgalmaýan emläk babatdaky kömekçi emlägi, oba we tokaý hojalygynda ulanylýan mallary we enjamlary, özi barada ýer eýeçiligi babatdaky kanunçylygyň düzgünleri ulanylýan umumy hukuklary, gozgalmaýan emlägiň uzufruktyny, mineral serişdeleri hem-de çeşmeleri we gazylyp alynýan beýleki tebigy serişdeleri işläp geçmek üçin öwezini dolma hökmünde tölenilýän üýtgeýän we kesgitli tölegler üçin hukuklary ýa-da olary işläp geçmek üçin hukugy öz içine alýar. Deňiz we howa gämilerine, şeýle hem ýerüsti ulaglara gozgalmaýan emläk hökmünde garalmaýar.

3. Şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünleri gozgalmaýan emlägi göni peýdalanmakdan, kärendä bermekden ýa-da başga bir islendik görnüşde peýdalanmakdan alynýan girdejiler babatda hem ulanylýar.

4. Şu maddanyň 1-nji we 3-nji bölümleriniň düzgünleri kärhananyň gozgalmaýan emläginden alynýan girdejiler babatda hem ulanylýar.

## 7-nji madda
## Telekeçilik işinden alynýan peýda

1. Eger Ylalaşýan Döwletleriň biriniň kärhanasy beýleki Ylalaşýan Döwletde ýerleşýän hemişelik edaranyň (wekilçiliginiň) üstünden telekeçilik işini amala aşyrmaýan bolsa, şol kärhananyň alýan peýdasyna diňe şol Döwletde salgyt salynýar. Eger kärhana telekeçilik işini ýokarda agzalan görnüşde amala aşyrýan bolsa, onda kärhananyň peýdasyna beýleki Döwletde, diňe onuň şu hemişelik edara (wekilçilige) degişli bölegi babatda salgyt salnyp bilner.

2. Şu maddanyň 3-nji bölüminiň düzgünlerini nazara almak bilen, eger Ylalaşýan Döwletiň kärhanasy beýleki Ylalaşýan Döwletde telekeçilik işini şol ýerde ýerleşýän hemişelik edaranyň (wekilçiliginiň) üsti bilen amala aşyrýan bolsa, onda şol wekilçiliginiň hut şonuň ýaly ýa-da barabar şertlerde hut şonuň ýaly ýa barabar iş bilen meşgullanýan aýrybaşgalanan we aýratyn kärhana bolan hem-de özi hemişelik edarasy (wekilçiligi) bolan kärhanadan doly garaşsyz hereket edende alyp biljek peýdasy Ylalaşýan Döwletleriň her birinde şol hemişelik edara (wekilçilige) degişlidir.

3. Hemişelik edaranyň (wekilçiliginiň) peýdasy kesgitlenilen mahaly şeýle hemişelik edaranyň (wekilçiliginiň) maksatlary üçin çeken çykdajylarynyň, şol sanda dolandyryş we umumy edara ediş çykdajylarynyň hemişelik edaranyň (wekilçiliginiň) ýerleşýän ýeri bolan Döwletde ýa-da onuň çäklerinden daşarda çekilendigine garamazdan, şol çykdajylaryň kemeldilmegine rugsat berilýär.

4. Eger Ylalaşýan Döwletde hemişelik edara (wekilçilige) degişli peýdany kärhananyň peýdasynyň umumy möçberini onuň dürli düzüm birlikleriniň arasynda barabarlykda paýlamak esasynda kesgitlemek adaty tejribe bolsa, onda şu maddanyň 2-nji bölüminde hiç bir zat bu Ylalaşýan Döwlete salgyt salynmaga degişli peýdany adaty tejribeden ugur alyp paýlamak arkaly kesgitlemegi gadagan etmeýär; paýlamagyň saýlanyp alnan usuly şu maddadaky degişli ýörelgelere laýyk gelýän netijeleri bermelidir.

5. Ylalaşýan Döwletleriň biriniň ygtyýarly edarasynda bar bolan ýa-da şu maddanyň 3-nji we 4-nji bölümlerine laýyklykda ýeňillik bilen alnyp biljek maglumat, hemişelik edaranyň (wekilçiliginiň) girdejisini kesgitlemek üçin ýeterlik bolmasa, girdeji şu Döwletiň salgyt kanunçylygyna laýyklykda hasaplanyp bilner.

6. Hiç bir peýda diňe hemişelik edaranyň (wekilçiligiň) kärhana üçin harytlary ýa-da önümleri satyn almagy esasynda oňa degişli edilip bilinmez.

7. Eger bellenen tertibi üýtgetmek üçin degerli we ýeterlik sebäpler bolmasa, ýokardaky bölümleriň maksatlary üçin hemişelik edara (wekilçilige) degişli peýda her ýyl şol bir usul arkaly kesgitlenilýär.

8. Eger peýda şu Ylalaşygyň beýleki maddalarynda aýratyn garalýan girdejileriň böleklerini ýa-da girdejini öz içine alýan bolsa, onda şol maddalaryň düzgünleri şu maddanyň düzgünlerine täsir etmeýär.

## 8-nji madda
## Halkara gatnatmalary

1. Ylalaşýan Döwletiň kärhanasynyň deňiz ýa-da howa gämilerini ýa-da ýerüsti ulaglary halkara gatnatmalarynda ulanmakdan alýan peýdasyna diňe şol Döwletde salgyt salynýar.

2. Şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünleri degişli ulag serişdelerini ulanmak boýunça pul-a, bilelikdäki kärhana ýa-da halkara guramasyna gatnaşmakdan alynýan peýda babatda hem ulanylýar.

## 9-njy madda
## Şärikli kärhanalar

1. Eger:

a) Ylalaşýan Döwletiň kärhanasy beýleki Ylalaşýan Döwletiň kärhanasyny dolandyrmaga, oňa gözegçilik etmäge ýa-da onuň maýasyna göni ýa keseden gatnaşýan bolsa; ýa-da

b) şol bir taraplar Ylalaşýan Döwletiň biriniň kärhanasyny, şeýle hem Ylalaşýan Döwletiň beýlekisiniň kärhanasyny dolandyrmaga, oňa gözegiçilik etmäge ýa-da onuň maýasyna göni ýa-da keseden gatnaşýan bolsa, we her bir halatda iki kärhananyň arasynda olaryň täjirçilik we maliýe gatnaşyklarynda garaşsyz kärhanalaryň arasynda bolmalysyndan tapawutlanýan şertler döredilýän ýa-da bellenilýän bolsa, onda kärhanalaryň birine geçirilip bilinjek, ýöne şol şertleriň bolmagy sebäpli geçirilmedik islendik peýda şol kärhananyň peýdasyna goşulyp we degişlilikde oňa salgyt salnyp bilner.

2. Eger Ylalaşýan Döwlet şol Döwletiň kärhanasynyň şol beýleki Ylalaşýan Döwletde salgyt salnan peýdasyny birinji Döwletiň kärhanasynyň peýdasyna goşanda we degişlilikde salgyt salanda we şeýlelikde goşulan peýda iki kärhananyň arasynda bellenen şertler garaşsyz kärhanalaryň arasyndaky ýaly bolan şertde birinji agzalan Döwletiň kärhanasynyň adyna hasaplanylan peýda bolup durýan halatda, onda şol beýleki Döwlet şol peýda üçin özünde hasaplanylan salgyt barada degişli düzedişi girizer. Şeýle düzediş kesgitlenilen mahaly şu Ylalaşygyň beýleki düzgünlerine hem seredilmelidir, Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary bolsa, zerur bolan mahaly bir-biri bilen geňeşmeleri geçirmelidir.

## 10-njy madda
## Diwidendler

1. Bir Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolan kompaniýanyň beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna töleýän diwidendlerine şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Ýöne şeýle diwidendlere olary töleýän kompaniýanyň dahyllysy bolan Ylalaşýan Döwletinde hem şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda salgytlar salnyp bilner; emma diwidendleriň hakyky eýesi beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolsa, onda şeýle usulda alynýan salgyt diwidendleriň jemi möçberiniň 10 göteriminden köp bolmaly däldir.

Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary özara ylalaşmak arkaly bu çäklendirmeleri ulanmagyň usulyny kesgitlärler.

Bu bölüm kompaniýa özünden diwidendler tölenilýän peýda babatda salgyt salynmagyna täsir etmeýär.

3. «Diwidendler» adalgasy şu maddada ulanylan mahaly paýnamalardan, dag-magdan kompaniýalarynyň paýnamalaryndan, döredïş paýnamalaryndan, ýa-da bergi talaplary bolup durmaýan, ýöne peýda gatnaşmaga hukuk berýän, şeýle hem beýleki korporatiw hukuklardan alynýan girdejileri, şeýle hem peýdany paýlaýan kompaniýa dahyllysy bolup durýan şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda paýnamalardan alynýan girdejiler ýaly şeýle salgyt salynmagyna degişli beýleki hukuklardan alynýan girdejini hem aňladýar.

4. Eger diwidendleriň hakyky peýda alyjysy, bir Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolmak bilen, diwidendleri töleýän kompaniýa öz dahyllysy bolan beýleki Ylalaşýan Döwletde telekeçilik işini şol ýerdäki hemişelik edaranyň (wekilçiligiň) üsti bilen amala aşyrýan bolsa we diwidendleri tölemek babatdaky gatnaşyklary hakykatdan hem şeýle hemişelik edara (wekilçilik) bilen bagly bolsa, şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümleriniň düzgünleri ulanylmaýar. Şeýle halatda 7-nji maddanyň düzgünleri ulanylýar.

5. Eger bir Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolup durýan kompaniýa beýleki Ylalaşýan Döwletde peýdany ýa-da girdejileri alýan bolsa, onda şol beýleki Döwlet şol kompaniýanyň töleýän diwidendlerinden hiç hili salgyt alyp bilmez, şol diwidendler şol beýleki Döwletiň dahyllysyna tölenilýän ýa-da diwidendleri tölemek babatda gatnaşyk hakykatdan-da şol beýleki Döwletde ýerleşýän hemişelik edara (wekilçilik) bilen bagly bolan halatlary muňa girmeýär, şeýle hem tölenen diwidendler ýa-da paýlanylmadyk peýda şol beýleki Döwletde emele gelýän peýdadan ýa-da girdejiden dolulygyna ýa-da bölekleýin ybarat bolsa hem, kompaniýanyň paýlanylmadyk peýdasy salgyt salynmaga degişli däldir.

## 11-nji madda
## Göterimler

1. Bir Ylalaşýan Döwletde emele gelýän we beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna tölenilýän göterimlere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Ýöne şeýle göterimlere olar emele gelýän Ylalaşýan Döwletde hem şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salnyp bilner, emma şeýle göterimleriň hakyky eýesi beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolsa, şeýle görnüşde alynýan salgyt göterimleriň jemi möçberiniň 10 göteriminden geçmez. Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary özara ylalaşmak arkaly bu çäklendirmäni ulanmagyň usulyny kesgitlärler.

3. Şu maddanyň 2-nji bölüminiň düzgünlerine garamazdan, göterimler Gyrgyzystanyň Hökümetine ýa-da Milli Bankyna, ýa-da Türkmenistanyň Merkezi Bankyna tölenýän bolsa, göterimler ýüze çykýan Ylalaşýan Döwletinde salgyt salmakdan boşadylýar.

4. «Göterimler» adalgasy şu maddada ulanylan mahaly bergidarlaryň girdejilerine gatnaşmak üçin hukuk berýän ýa-da bermeýän, girew bilen üpjün edilen ýa-da edilmedik islendik görnüşdäki bergi talaplaryndan girdejini we hususan-da, Hökümetiň gymmatly kagyzlaryndan we obligasiýalaryndan ýa-da bergi borçnamalaryndan girdejini, şol sanda şol gymmatly kagyzlar, obligasiýalar ýa-da bergi borçnamalary boýunça baýraklary we utuşlary aňladýar. Wagty geçirilen tölegler üçin jerimelere şu maddanyň maksatlary üçin göterimler hökmünde garalmaýar.

5. Eger göterimleriň hakyky eýesi bir Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolmak bilen, göterimler emele gelýän beýleki Ylalaşýan Döwletde telekeçilik işini şol ýerdäki hemişelik edaranyň (wekilçiligiň) üsti bilen amala aşyrýan bolsa ýa-da şol beýleki Döwletde şol ýerde ýerleşýän hemişelik binýadynyň üsti bilen garaşsyz şahsy hyzmatlary edýän bolsa hem-de göterimleriň tölenilmegine esas bolýan bergi talaby şeýle hemişelik edara (wekilçilige) ýa-da hemişelik binýat bilen hakykatdan hem bagly bolsa, şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümleriniň düzgünleri ulanylmaýar. Şeýle halatda ýagdaýa baglylykda 7-nji maddanyň düzgünleri ulanylýar.

6. Eger göterimleri töleýji şol Döwletiň özi, edara ediş birligi, ýerli häkimiýet edaralary ýa-da şol Döwletiň dahyllysy bolsa, göterimler Ylalaşýan Döwletde emele gelýär diýlip hasaplanylýar. Eger, ýöne, göterimleri töleýji tarapyň Ylalaşýan Döwletiň dahyllysydygyna ýa-da däldigine garamazdan, Ylalaşýan Döwletde onuň göterimleriň tölenilmegine esas bolan hemişelik edarasy (wekilçiligi) ýa-da hemişelik binýady bar bolsa we şol göterimleri hem-de olary tölemek boýunça çykdajylary şeýle hemişelik edara (wekilçilik) ýa-da hemişelik binýat çekýän bolsa, onda şeýle göterimler hemişelik edara (wekilçilik) ýa-da hemişelik binýat ýerleşýän Döwletde emele gelýär diýlip hasaplanylýar.

7. Eger göterimleri töleýjiniň we hakyky eýesiniň arasyndaky ýa-da olaryň ikisiniň we haýsy-da bolsa başga bir tarapyň arasyndaky aýratyn gatnaşyklar sebäpli göterimleriň tölenilmegine esas bolan bergi talabyna degişli göterimleriň jemi, göterimleri töleýjiniň we hakyky eýesiniň arasynda şeýle gatnaşyklar ýok mahaly ylalaşylyp bilinjek möçberden köp bolsa, onda şu maddanyň düzgünleri diňe soňky agzalan möçber babatda ulanylýar. Şeýle halatda tölegiň artýan bölegi şu Ylalaşygyň beýleki düzgünlerini nazara almak bilen, her bir Ylalaşýan Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salynmaga degişlidir.

## 12-nji madda
## Awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalaryndan girdejiler

1. Bir Ylalaşýan Döwletde döreýän we beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna tölenýän awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalaryndan girdejilere şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Emma şeýle awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalaryndan girdejilere hem olaryň döreýän Ylalaşýan Döwletinde bu Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salnyp bilner, ýöne, şeýle awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalaryndan girdejilerden hakyky peýda alyjy beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolup durýan bolsa, şeýle ýagdaýda salynýan salgyt awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalaryndan girdejileriň umumy möçberiniň 10 göteriminden geçmeli däldir. Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary özara ylalaşmak arkaly bu çäklendirmäni ulanmagyň usulyny kesgitlärler.

3. «Awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalaryndan girdejiler» adalgasy şu maddada ulanylan mahaly islendik edebiýat, sungat ýa-da ylmy eserler, şol sanda programmalaýyn üpjünçilik, kinofilmler, haýsy-da bolsa bir patentleriň, söwda nyşanlarynyň, dizaýnyň ýa-da modeliň, ülňiniň, gizlin formulanyň ýa-da amallar ulgamynyň ulanylmagy ýa-da ulanmaga hukuk üçin ýa-da senagat, täjirçilik ýa-da ylmy enjamlaryň ulanylmagy ýa-da ulanmaga hukuk berilmegi üçin ýa-da senagat, täjirçilik, ýa-da ylmy tejribä degişli maglumatlary peýdalanmak ýa-da peýdalanmaga hukuk üçin hak-heşdek hökmünde alynýan islendik görnüşdäki tölegleri aňladýar.

4. Eger awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalaryndan girdejileriň hakyky eýesi, Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolmak bilen, awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalaryndan girdejileriň emele gelýän beýleki Ylalaşýan Döwletinde telekeçilik işini şol ýerdäki hemişelik edaranyň (wekilçiligiň) üsti bilen amala aşyrýan ýa-da şol beýleki Ylalaşýan Döwletde şol ýerde ýerleşýän hemişelik binýadyndan garaşsyz şahsy hyzmatlary edýän bolsa we özi babatda awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalaryndan girdejiler tölenýän hukuk ýa-da emläk şol hemişelik edara (wekilçilik) ýa-da hemişelik binýat bilen hakykatdan hem bagly bolsa, şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümleriniň düzgünleri ulanylmaýar. Şeýle halatda ýagdaýlara baglylykda 7-nji maddanyň düzgünleri ulanylýar.

5. Eger awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalaryndan girdejiler töleýjiniň we hakyky eýesiniň arasyndaky ýa-da olaryň ikisiniň we haýsydyr başga bir tarapyň arasyndaky aýratyn gatnaşyklar sebäpli ulanmaga, hukuga ýa-da maglumatlara degişli awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalaryndan girdejileriň möçberi töleýjiniň we hakyky eýesiniň arasynda şeýle gatnaşyklar ýok mahaly ylalaşylyp bilinjek möçberden köp bolsa, onda şu maddanyň düzgünleri diňe soňky agzalan möçber barada ulanylýar. Şeýle halatda tölegiň artýan bölegi şu Ylalaşygyň beýleki düzgünlerini nazara almak bilen, her bir Ylalaşýan Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda salgyt salynmaga degişlidir.

## 13-nji madda
## Emlägiň bahasynyň artmagyndan girdejiler

1.Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň 6-njy maddada kesgitlenen we beýleki Ylalaşýan Döwletde ýerleşýän gozgalmaýan emlägini aýrybaşgalamakdan alýan girdejilerine şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Ylalaşýan Döwletleriň biriniň kärhanasynyň beýleki Ylalaşýan Döwletde bar bolan hemişelik edaranyň (wekilçiliginiň) telekeçilik emläginiň bölegi bolup duran gozgalýan emlägiň aýrybaşgalanmagyndan alynýan ýa-da bir Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň ygtyýarynda bolan we garaşsyz şahsy hyzmatlary etmek üçin beýleki Ylalaşýan Döwletde ýerleşýän hemişelik binýada degişli

bolan gozgalýan emlägiň aýrybaşgalanmagyndan alynýan girdejilere, şol sanda şeýle hemişelik edaranyň (wekilçiligiň) (aýratynlykda ýa-da tutuş kärhana bilen bilelikde) ýa-da şeýle hemişelik binýadyň aýrybaşgalanmagyndan alynýan girdejilere şol beýleki Ylalaşýan Döwletde salgyt salnyp bilner.

3. Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň halkara gatnatmalarynda ulanylýan deňiz we howa gämileriniň ýa-da ýerüsti ulaglarynyň ýa-da olary ulanmak bilen bagly gozgalýan emlägiň aýrybaşgalanmagyndan alýan girdejilerine diňe şol kärhananyň hakyky dolandyrylýan ýeri ýerleşýän Ylalaşýan Döwletde salgyt salynýar.

4. Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň beýleki Ylalaşýan Döwletde ýerleşýän gozgalmaýan emläk bilen gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn, doly ýa-da esasan ybarat bolan kompaniýanyň paýnamalarynyň we beýleki korporatiw hukuklarynyň aýrybaşgalanmagyndan alýan girdejilerine şol beýleki Ylalaşýan Döwletde salgyt salnyp bilner.

5. Şu maddanyň 1, 2, 3-nji we 4-nji bölümlerinde görkezilenlerden başga islendik emlägiň aýrybaşgalanmagyndan alnan girdejilere diňe emlägi aýrybaşgalaýan tarap dahyllysy bolan Ylalaşýan Döwletde salgyt salynýar.

## 14-nji madda
## Garaşly şahsy hyzmatlar

1. 15-nji, 17-nji we 18-nji maddalaryň düzgünlerini nazara almak bilen, eger diňe hakynatutma boýunça iş beýleki Ylalaşýan Döwletde amala aşyrylmaýan bolsa, bir Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň hakynatutma iş bilen bagly alýan zähmet hakyna we şunuň ýaly beýleki hak-heşdegine diňe şol Döwletde salgyt salynýar. Eger-de hakynatutma boýunça iş şeýle görnüşde amala aşyrylýan bolsa, onda şunuň bilen bagly alnan hak-heşdege şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünlerine garamazdan, bir Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň beýleki Ylalaşýan Döwletde hakynatutma boýunça amala aşyrylýan iş bilen bagly alýan hak-heşdegine, eger:

a) alyjy degişli salgyt ýylynda başlanýan ýa-da tamamlanýan islendik on iki aýlyk döwürde jemi alnanda 183 günden geçmeýän döwrüň ýa-da döwürleriň dowamynda beýleki Döwletde bolýan bolsa; we

b) hak-heşdek şol beýleki Döwletiň dahyllysy bolmadyk hakyna tutujy tarapyndan ýa-da onuň adyndan tölenilýän bolsa; we

ç) hak-heşdegi tölemek boýunça çykdajylary hakyna tutujynyň şol beýleki Döwletdäki hemişelik edarasy (wekilçiligi) çekmeýän bolsa, diňe birinji agzalan Döwletde salgyt salynýar.

3. Şu maddanyň ýokardaky düzgünlerine garamazdan, halkara gatnatmalarynda hakynatutma boýunça amala aşyrylýan iş bilen bagly alynýan hak-heşdege şol kärhananyň hakyky dolandyrylýan ýeri ýerleşýän Ylalaşýan Döwletde salgyt salnyp bilner.

## 15-nji madda
## Direktorlaryň gonorarlary

Direktorlaryň gonorarlaryna we bir Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolan kompaniýanyň direktorlar geňeşiniň agzasy hökmünde alýan başga şonuň ýaly töleglerine şol beýleki Ylalaşýan Döwletde salgyt salnyp bilner.

## 16-njy madda
## Artistler we türgenler

1. 7-nji we 14-nji maddalaryň düzgünlerine garamazdan, bir Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň teatryň, kinonyň, radionyň ýa-da telewideniýäniň artisti, ýa-da sazanda ýaly sungat işgäri hökmünde ýa-da türgen hökmünde beýleki Ylalaşýan Döwletde amala aşyrýan öz şahsy işinden alýan girdejisine şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilner.

2. Eger-de sungat işgäriniň ýa-da türgeniň amala aşyrýan şahsy işinden girdeji sungat işgäriniň ýa-da türgeniň özüne däl-de, başga bir tarapa hasaplanyp ýazylýan bolsa, onda 7-nji we 14-nji maddalaryň düzgünlerine garamazdan, şol girdejä sungat işgäriniň ýa-da türgeniň işi amala aşyrylýan Ylalaşýan Döwletde salgyt salynýar.

3. Eger sungat işgäriniň ýa-da türgeniň işi Ylalaşýan Döwletde Ylalaşýan Döwletler tarapyndan makullanan medeni ýa-da sport alyşmak maksatnamasynyň çäklerinde amala aşyrylýan bolsa, şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümleriniň düzgünlerine garamazdan, şu maddada göz öňünde tutulýan girdeji şol Ylalaşýan Döwletde salgytdan boşadylýar.

## 17-nji madda
## Pensiýalar we annuitet

1. 18-nji maddanyň 2-nji bölüminiň düzgünlerini nazara almak bilen, Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna öňki hakynatutma iş üçin tölenilýän pensiýalar we şunuň ýaly beýleki hak-heşdekler we annuitet diňe şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

2. «Annuitet» adalgasy bütin ömrüniň dowamynda ýa-da kesgitli ýa-da anyk bellenen döwrüň dowamynda borçnama laýyklykda pul görnüşinde ýa-da hümmetine görä barabar hem-de doly hak-heşdek tölemegiň deregine yzygiderli tölenmäge degişli bolan bellenen pul möçberini aňladýar.

## 18-nji madda
## Döwlet gullugyndan alynýan girdejiler

1. a) Ylalaşýan Döwlet ýa-da onuň edara ediş birligi ýa bolmasa ýerli häkimiýet edarasy tarapyndan şahsy tarapa şol Döwlete, edara ediş birligine ýa-da ýerli häkimiýet edaralaryna edýän hyzmatlary üçin tölenýän zähmet hakyna we şunuň ýaly beýleki hak-heşdege (pensiýalardan we annuitetden başga) diňe şol Döwletde salgyt salynýar.

b) Emma şeýle hak-heşdege diňe beýleki Ylalaşýan Döwletde salgyt salynýar, eger hyzmatlar şol beýleki Döwletde edilýän bolsa we şahsy tarap şol Döwletiň dahyllysy bolsa, ýagny ol:

(1) şol Döwletiň raýaty bolsa;

(2) diňe hyzmatlary etmek maksady bilen, şol Döwletiň dahyllysy bolmadyk bolsa, şol Döwletde salgyt salynýar.

2. a) Ylalaşýan Döwlet ýa-da onuň edara ediş birligi ýa bolmasa ýerli häkimiýet edarasy tarapyndan ýa-da olaryň döreden gorlaryndan şahsy tarapa şol Döwlete ýa-da onuň edara ediş birligine ýa-da ýerli häkimiýet edarasyna edýän hyzmatlary üçin tölenilýän islendik pensiýa diňe şol Döwletde salgyt salynýar.

b) Emma, eger şahsy tarap beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy we raýaty bolsa, şeýle pensiýa diňe şol beýleki Döwletde salgyt salynýar.

3. 14, 15, 16 we 17-nji maddalaryň düzgünleri Ylalaşýan Döwletiň ýa-da onuň edara ediş birliginiň ýa-da ýerli häkimiýet edarasynyň telekeçilik işini amala aşyrmagy bilen bagly edilýän hyzmatlar üçin tölenýän hak-heşdek we pensiýalar babatda ulanylýar.

**19-njy madda**
**Talyplar**

Ylalaşýan Döwletleriň birine gelmeginden öň Ylalaşýan Döwletleriň beýlekisiniň gönüden-göni dahyllysy bolup durýan ýa bolan we birinji agzalan Döwletde diňe okamak ýa-da bilim almak maksady bilen bolýan talyp ýa-da tejribe toplaýjy tarapyndan ýaşamak, okamak we bilim almak maksatlary üçin alynýan tölegler şol Döwletiň çäklerinden daşardaky çeşmelerden tölenilýän bolsa, olara şol Döwletde salgyt salynmaýar.

**20-nji madda**
**Beýleki girdejiler**

1. Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň girdejileriniň şu Ylalaşygyň ýokardaky maddalarynda agzalmadyk görnüşleri, döräň çeşmesine garamazdan, diňe şol Döwletde salgyt salynmaga degişlidir.

2. Eger-de 6-njy maddanyň 2-nji bölüminde kesgitlemesi berlen gozgalmaýan emläkden alynýan girdejileriň alyjysy bir Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolmak bilen, beýleki Ylalaşýan Döwletde telekeçilik işini onda ýerleşen hemişelik edaranyň (wekilçiligiň) üsti bilen amala aşyrýan bolsa ýa-da şol beýleki Döwletde ol ýerde ýerleşýän hemişelik binýadyndan garaşsyz şahsy hyzmatlary edýän bolsa we girdejiniň alynmagy bagly bolan hukuk ýa-da emläk şeýle hemişelik edara (wekilçilik) bilen hakykatdan-da bagly bolsa, onda şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünleri ulanylmaýar. Şeýle halatda ýagdaýlara baglylykda 7-nji maddanyň düzgünleri ulanylýar.

## 21-nji madda
## Iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak

1. Eger bir Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy şu Ylalaşygyň düzgünlerine laýyklykda beýleki Ylalaşýan Döwletde salgyt salnyp bilinjek girdejini alýan bolsa, ilkinji agzalyp geçilen Döwlet şol dahyllynyň girdeji üçin salgydyndan şol beýleki Döwletde tölenen girdeji üçin salgydyna deň möçberdäki puly hasaplap aýyrmaga rugsat berýär.

Islendik ýagdaýda şeýle hasaplap aýyrmagyň möçberi hasaplap aýyrma berilmänkä hasaplanan girdejiden salgydyň ýagdaýlara baglylykda şol beýleki Döwletde salgyt salnyp bilinjek girdejä degişli böleginden geçmez;

2. Eger şu Ylalaşygyň islendik düzgünine laýyklykda, bir Ylalaşýan Döwletiň dahyllysynyň alan girdejisi şol Döwletde salgytdan boşadylan bolsa, şol Döwlet, şeýle-de bolsa, şol dahyllynyň girdejisiniň galan bölegi üçin salgydyň möçberi hasaplananda salgytdan boşadylan girdejini hasaba alyp biler.

## 22-nji madda
## Kemsitmezlik

1. Ylalaşýan Döwletiň milli taraplary beýleki Ylalaşýan Döwletde şol beýleki Döwletiň hut şol ýagdaýlarda, milli taraplarynyň sezewar edilýän ýa-da sezewar edilip bilinjek salgyt salynmagyndan ýa-da şonuň bilen bagly talaplardan başga, ýa bolmasa has agyr salgyt salmak bilen bagly islendik salgyt salynmagyna, ýa-da onuň bilen bagly talaplara sezewar edilmez. Şu düzgün, 1-nji maddanyň düzgünlerine garamazdan, Ylalaşýan Döwletleriň biriniň ýa-da ikisiniň hem dahyllysy bolup durmaýan taraplar barada hem ulanylýar.

2. Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolup durýan raýatlygy bolmadyk adamlar Ylalaşýan Döwletleriň hiç birinde milli taraplarynyň sezewar edilýän ýa-da sezewar edilip bilinjek salgyt salynmagyndan ýa-da şonuň bilen bagly talaplardan başga, ýa bolmasa has agyr salgyt salmak bilen bagly islendik salgyt salynmagyna, ýa-da onuň bilen bagly talaplara sezewar edilmez.

3. Bir Ylalaşýan Döwletiň kärhanasynyň beýleki Ylalaşýan Döwletdäki hemişelik edarasy (wekilçiligi) babatdaky salgyt salmak düzgüni şol beýleki Döwletiň şeýle işi amala aşyrýan kärhanalar baradaky salgyt salmak düzgüninden az amatly bolmaly däldir. Şu düzgün Ylalaşýan Döwletleriň birini öz dahyllylaryna olaryň raýatlyk hukuk ýagdaýy ýa-da maşgala ýagdaýy esasynda salgyt salmak maksady bilen berýän haýsydyr bir şahsy salgyt ýeňillikleri, kemmeleri we indirimleri beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna üpjün etmäge borçly edýän hökmünde düşündirilmeli däldir.

4. 9-njy maddanyň 1-nji bölüminiň, 11-nji maddanyň 7-nji bölüminiň ýa-da 12-nji maddanyň 6-njy bölüminiň düzgünleri ulanylandan başga halatlarda, Ylalaşýan Döwletleriň biriniň kärhanasynyň beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna töleýän göterimleri, awtorlyk hukuklaryndan we ygtyýarnamalaryndan girdejileri we beýleki tölegleri şeýle kärhananyň salgyt salynýan peýdasyny kesgitlemek maksady bilen, olar birinji agzalan Döwletiň dahyllysyna tölenendäki ýaly şertlerde kemeldilmäge degişlidir. Hut şonuň ýaly, birinji Ylalaşýan Döwletiň kärhanasynyň beýleki Ylalaşýan Döwletiň dahyllysyna islendik bergileri şol kärhananyň salgyt salynýan maýasyny kesgitlemek maksady bilen, birinji ady agzalan Döwletiň dahyllysyna bolan bergiler babatdaky ýaly, şol bir şertlerde kemeldilmäge degişlidir.

5. Ylalaşýan Döwletiň maýasy beýleki Ylalaşýan Döwletiň bir ýa-da birnäçe dahyllysyna doly ýa-da bölekleýin degişli bolan ýa-da olar tarapyndan gözegçilik edilýän kärhanalary birinji agzalan Döwletde şol Döwletiň şonuň ýaly beýleki kärhanalary babatda sezewar edilýän ýa-da sezewar edilip bilinjek salgyt salynmagyndan we onuň bilen bagly talaplardan başga ýa-da has agyr islendik salgyt salynmagyna ýa-da onuň bilen bagly islendik talaplara sezewar edilmeli däldir.

## 23-nji madda
## Özara ylalaşmak amaly

1. Eger bir Ylalaşýan Döwletiň dahyllysy bolup durýan tarap Ylalaşýan Döwletleriň biriniň ýa-da ikisiniň hem hereketleri şu Ylalaşygyň düzgünlerine laýyk gelmeýän salgytlaryň salynmagyna

getirýär ýa-da getirer diýip hasap edýän bolsa, ol şu Döwletleriň milli kanunçylygynda göz öňünde tutulan gorag serişdelerine garamazdan, özi dahyllysy bolup durýan Ylalaşýan Döwletiň ygtyýarly edarasyna öz işini seretmek üçin berip biler. Arza şu Ylalaşygyň düzgünlerine laýyk gelmeýän salgytlaryň salynmagyna getirýän hereketler hakyndaky ilkinji habarnamanyň alnan pursadyndan başlap, üç ýylyň dowamynda berilmelidir.

2. Ygtyýarly edara nägileligi esasly hasap etse we özi kanagatlanarly çözgüde gelip bilmese, şu Ylalaşygyň düzgünleriniň nukdaýnazaryndan bikanun salgytlaryň salynmagyny aradan aýyrmak maksady bilen, meseläni beýleki Ylalaşýan Döwletiň ygtyýarly edarasy bilen özara ylalaşmak arkaly çözmäge çalşar. Gazanylan islendik ylalaşyk Ylalaşýan Döwletleriň milli kanunçylygynda göz öňünde tutulan haýsydyr bir wagtlaýyn çärklendirmelere garamazdan, ýerine ýetirilmelidir.

3. Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary şu Ylalaşyk düşündirilen ýa-da ulanylan mahaly ýüze çykýan islendik kynçylyklary ýa-da şübheleri özara ylalaşmak arkaly çözmäge çalşarlar. Olar şeýle hem şu Ylalaşykda göz öňünde tutulmadyk halatlarda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak maksady bilen, bir-biri bilen geňeşip bilerler.

4. Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary ýokardaky bölümlere düşünmekde ylalaşyk gazanmak maksady bilen, bir-biri bilen göni gatnaşykda bolup bilerler.

## 24-nji madda
## Maglumatlary alyşmak

1. Şeýle derejede salgyt salynmagy şu Ylalaşyga ters gelmeýän bolsa, Ylalaşýan Döwletleriň ygtyýarly edaralary şu Ylalaşygyň düzgünlerini ýerine ýetirmek ýa-da Ylalaşýan Döwletleriň ýa-da olaryň edara ediş birlikleriniň, ýa bolmasa ýerli öz-özüňi dolandyryş edarasynyň adyndan alynýan salgytlaryň islendik görnüşine we kysymyna degişli içerki kanunçylygy dolandyrmak ýa-da ulanmak üçin zerur maglumatlary alyşýarlar. Maglumatlary alyşmak şu Ylalaşygyň 1-nji we 2-nji maddalary bilen çäklenmeýär.

2. Ylalaşýan Döwlet tarapyndan şu maddanyň 1-nji bölümine laýyklykda alnan islendik maglumat şol Döwletiň milli kanunçylygynyň çäklerinde alnan maglumat ýaly gizlin hasap edilýär we diňe şu maddanyň 1-nji bölüminde görkezilen salgytlar babatda baha bermek ýa-da toplamak, mejbury töletdirmek ýa bolmasa jenaýat taýdan yzarlamak, ýa-da şikaýatlara garamak, şeýle hem ýokarda görkezilenlere gözegçilik etmek bilen bagly, 1-nji bölümde agzalan taraplara ýa-da edaralara (şol sanda kazyýetler we dolandyryş edaralary) habar berilýär. Şeýle taraplar ýa-da edaralar şol maglumatlary diňe görkezilen maksatlar üçin peýdalanmalydyrlar. Olar şol maglumatlary açyk kazyýet mejlisiniň barşynda ýa-da kazyýet çözgütleri kabul edilen mahaly aýan edip bilerler.

3. Hiç bir halatda şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümleriň düzgünleri Ylalaşýan Döwletiň üstüne şu borçlary ýükleýän hökmünde düşündirilmeli däldir:

a) ol ýa-da beýleki Ylalaşýan Döwletiň kanunçylygyna ýa-da edara ediş tejribesine ters gelýän edara ediş çärelerini geçirmek;

b) ol ýa-da beýleki Ylalaşýan Döwletiň kanunçylygy boýunça ýa-da adaty edara ediş tejribesiniň barşynda alyp bolmaýan maglumatlary bermek;

ç) haýsydyr bir söwda, telekeçilik, senagat, täjirçilik ýa-da hünär syryny, ýa bolmasa söwda amalyny aýan etjek maglumatlary, ýa-da aýan edilmegi döwlet syýasatyna (jemgyýetçilik tertibine) ters geljek maglumatlary bermek.

4. Eger maglumatlar şu madda laýyklykda Ylalaşýan Döwletleriň biri tarapyndan soralan bolsa, beýleki Ylalaşýan Döwlet hatda eger şeýle maglumat öz salgyt maksatlary üçin beýleki Döwlete zerur bolmasa-da, soralan maglumatlary almak üçin maglumatlary toplamak boýunça ähli zerur çäreleri peýdalanmalydyr. Ýokarky sözlemdäki borçnama şu maddanyň 3-nji bölüminiň düzgünleri bilen çäklendirilendir, ýöne hiç bir halatda şeýle çäklendirmeler içerki kanunçylygyna laýyklykda gyzyklanma ýokdugy sebäpli, maglumatlary bermekden boýun gaçyrmaga Ylalaşýan Döwletlere rugsat berýän hökmünde düşündirilip bilinmez.

5. Hiç bir halatda şu maddanyň 3-nji bölüminiň düzgünleri diňe maglumatlaryň bankdadygy, beýleki maliýe edarasyndadygy, nominal saklaýjydadygy ýa-da ýumuşçydadygy ýa bolmasa ynanylan tarapdadygy sebäpli, ýa bolmasa maglumatyň taraplaryň eýeçilik hukugyna degişlidigi sebäpli, Ylalaşýan Döwlete maglumatlary bermekden boýun gaçyrmaga rugsat berýän hökmünde düşündirilmez.

## 25-nji madda
## Diplomatik wekilhanalaryň we konsullyk edaralarynyň işgärleri

Şu Ylalaşygyň hiç bir düzgüni diplomatik wekilhanalaryň we konsullyk edaralaryň işgärleriniň halkara hukugynyň umumy kadalary arkaly ýa-da ýörite ylalaşyklaryň düzgünleri esasynda berlen salgyt ýeňilliklerine täsir etmeýär.

## 26-njy madda
## Güýje girmegi

1. Şu Ylalaşyk Ylalaşýan Döwletler tarapyndan Ylalaşygyň güýje girmegi üçin zerur bolan içerkidöwlet amallarynyň ýerine ýetirilendigi hakynda soňky ýazmaça habarnamanyň senesinden güýje girýär.

2. Şu Ylalaşyk:

a) şu Ylalaşygyň güýje giren ýylyndan soňky senenama ýylynyň birinji ýanwarynda ýa-da şondan soň alnan tölenen ýa-da tölendi hasap edilen pul möçberleri boýunça tölegleriň çeşmelerinden alynýan salgytlar barada;

b) beýleki salgytlar babatda şu Ylalaşygyň güýje giren ýylynyň birinji ýanwarynda ýa-da şondan soň başlanýan salgyt ýylyndan güýje girýär.

## 27-nji madda
## Hereketiniň bes edilmegi

Şu Ylalaşyk Ylalaşýan Döwletleriň biri onuň hereketini ýatyrýança güýjünde galýar. Her bir Ylalaşýan Döwlet Ylalaşygy onuň hereketiniň ýatyrylmagy barada bäş ýyldan soňra islendik senenama ýylynyň tamamlanmagyna çenli alty aýdan gijä galman diplomatik ýollar arkaly ýatyrmak barada habarnama iberip ýatyryp biler.

Şeýle halatda şu Ylalaşyk:

a) çeşmesinden alynýan salgytlar babatda – habarnamanyň iberilen ýylyndan soňraky senenama ýylynyň birinji ýanwaryndan ýa-da birinji ýanwaryndan soňra tölenen ýa-da tölendi hasap edilen möçberler barada;

b) beýleki salgytlar babatda – habarnamanyň iberilen ýylyndan soňraky senenama ýylynyň birinji ýanwaryndan ýa-da birinji ýanwaryndan soňra başlanýan salgyt ýyly üçin tölenmäge degişli şeýle salgytlar barada hereket etmegini bes edýär.

Muňa güwä geçmek hökmünde degişli derejede ygtyýarly edilen aşakda gol çekenler şu Ylalaşyga gol çekdiler.

Aşgabat şäherinde 2018-nji ýylyň 23-nji awgustynda her biri türkmen, gyrgyz we rus dillerinde iki asyl nusgada amal edildi, özi-de ähli nusgalaryň birmeňzeş güýji bardyr. Şu Ylalaşygyň düzgünleri düşündirilende çaprazlyklar ýüze çykan halatda rus dilindäki nusga ileri tutular.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan** | **Gyrgyz Respublikasynyň Hökümetiniň adyndan** |

**Ylalaşyk 2019-njy ýylyň 12-nji noýabryndan güýje girdi**